# Ýusubyň kitaby / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýusubyň kitaby / hekaýa ÝUSUBYÑ KITABY




*Depderleri içinde bir kitap gördüm,*
*Kasasyl Enbiýa atly ýaranlar.*
***Magtymguly Pyragy.***
Aslynda Ýusup pygamberiñ Beniýeminden başka Ahmet atly dogany hem bar eken.
Emma uzak wagtlyk saparda bolandygy sebäpli hemmeler ony unudaýan bolsa nätjek. Çünki onuñ sapar eden ýurdy Yakup pygamberiñ dostunyñ mülki eken. Hemem uzakda… Şonuñ üçin Ahmet hem ol ýerde bir müddet galyp, eglenen eken.
Çagajyk Ýusuby agalary görüplikden guduga atyp, soñ çykaryp Müsür tarapa barýan kerwende bir söwdagäre satyp göýberen wagtlary hem Ahmet olaryñ arasynda ýok eken. Wah, eğer şol ýerde bolanlygunda ol beýle gabahatlyga ýol berjekmi. Çünki ol hem pygamber zürýady ahyr.
Ahmet körpeje Ýusubyñ başyna düşen musibetleri eşidip, kalby lerzana gelipdir. Kengana nädip barjagyny bilmändir. Ol saparda gezip ýören ýerinden Müsüre ugramagy, şol ýerden hem inisini tapmagy ýüregine düwüpdir.
Emma ol iñ bir ýyndam bedewleri atlanyp, menzilleri çatladyp, pygamber gözlerinden nur syçradyp Yusup jana tarap ümzük atsa-da, oña ýetmek başartmandyr. Ol misli ähli zamanlardan mekanlardan peýkam ýaly parran geçip Müsür diýlip at berlen diýarlaryñ üçüsini dagy üstünden baryp, ol ýerlerden körpe inisini atagtarypdyr. Soñ ýene üçi ýedä köpeldip, täze bir

asyrda Müsürge gadam goýupdyr. «Belki indi taparyn kalbymyň bir bölegini, jigerimiň parasyny, derdimiň çäresini, ah-h… Bu ýolçulygyň barysy Ýusubyň derdinde. Ähli hasrat «Ýusup diýe-diýe»…

Ahmet aleyhisselam bir taryka ýol birle Ýusup jany tapmagy, hijran derdinden gutarmagy arzuw bekläp kän talaş edipdir.

Eger inisini Müsürden sag-aman tapyp, öýe alyp gaýtsa, nähili gowy boljak. Kakalary Ýakubyň gözleri Ýusup diýip aglamakdan batyl bolupdyr.

Şol agşam çölde ýel turdy, ýoly gömdi. Ahmet kalbyna bir argynlygyň aralaşandygyny duýup, ýol ýöremesini bes etdi. «Biraz sägineýin. Bu hadysanyň hikmeti bar».

Soň wahy geldi.

Allahyň sözi.

Hökümi däl, ylham bolan ylahy kelamy.

«Ýusup Müsürde bir müddet galmaly. Sen onuň huzuryna baryp, didaryny görüp bilmersiň. Emma saňa söz berýän, ol duňýäniň öňünde soňunda bolan iň gözel sypatly pygamber ýigit bolar».

Ahmediň damagy doldy. Allahyň ylahy sesi ony lal etdi, ol hoşal halda. Öz inisine nesip eden bagt-sagadata guwandy. Allahyň kelamy bolsa entek tamam bolanokdy » Ýusup gözel keşbi, gözel ahlagy bilen, gözel kelamy bilen Müsür halkyny, hökümdaryna çenli ýesir eder. Emma ol ýesirlik ne gözel ýesirlik».

Ahmediň içinde bir ýerlerde «Onda men nädeýin? Meňem gözel inimi göresim gelýär ahbeti» diýip jibrinýän kalp owazyny eşitgeç Allah ýene Ahmedi haýran goýdy.

«Saňa Ýusubyň ahwaly, waspy ýazylan birnäçe sahypa berýärin. Olary okan wagtyň ruhuň Ýusufyň ýanynda bolar».

Ahmet gözlerini açanda älem gülüstan. Elinde düýrlenen kümüşsow kagyzlar. Ýusup hakynda kyssalaryň gözeli. Bir ýüz onbir kelam. Ahmet ýene bir zat diýjek boldy, emma serinde Hakyň owazy ýaňlandy. Sen kanagatlysyň, berlen jeza kaýylsyň. Şonuň üçin indi geljekde saňa has haýyrlysy beriler.

Sylapberdi Muhamow,
08.05.23. Hekaýalar